**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**TÜRKMEN DÖWLET MALIÝE INSTITUTY**

**TASSYKLAÝARYN**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektory**
**__________B.M.Taňryberdiýew**
**«_17_» ___oktýabr___ 2025ý.**

**Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Mikroykdysadyýet» dersi boýunça internet olimpiadasyny guramak we geçirmek hakynda**
**DÜZGÜNNAMA**

2025-nji «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýyly, Halkara Bitaraplyk güni, Türkmenistanyň Hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň Prezidentiniň baştutanlygynda milli bilim ulgamyny has-da kämilleşdirmek boýunça durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn özgertmelere laýyklykda talyp ýaşlaryň nazary bilimlerini artdyrmak, ykdysady pikirlenmelerini we amaly ukyp-başarnyklaryny ösdürmek, olary kämil hünärmenler edip ýetişdirmek maksady bilen, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Mikroykdysadyýet» dersi boýunça internet olimpiadasyny guramak we geçirmek boýunça şu Düzgünnama işlenip taýýarlanyldy.

## 1. Umumy düzgünler

Şu Düzgünnama ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Mikroykdysadyýet» dersi boýunça internet olimpiadasyny guramagyň we geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

Türkmenistanyň bilim ulgamynyň halkara ylym-bilim giňişligine sazlaşykly aralaşýan döwründe esasy wezipe hökmünde Watanymyza, halkymyza, Türkmenistanyň Prezidentine wepaly, başarjaň, watansöýüji, zähmetsöýer, ylymly-bilimli, zehinli, başarjaň, giň dünýägaraýyşly we döredijilikli işlemäge ukyply ýaşlary ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Mikroykdysadyýet» dersi boýunça internet olimpiadasynyň geçirilmegi Türkmenistanyň sanly bilim ulgamynda gazanylan netijeleri we ýaşlaryň innowasion tehnologiýalary, mikroykdysadyýet bilen baglanyşykly bilimleri ulanmakda ukyp-başarnyklaryny açyp görkezmäge ýardam eder.

**Olimpiadanyň maksady:**

a) ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda öňdebaryjy tejribeleri alyşmagy ýola goýmak;

b) ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň we talyp ýaşlarynyň bilelikde ylym-bilim ulgamynda pikir alyşmalaryny guramak;

ç) talyplaryň «Mikroykdysadyýet» dersi boýunça özboluşly aýratynlyklaryny ýüze çykarmak boýunça pikirlenmelerini we dünýä garaýyşlaryny ösdürmek.

**Olimpiadanyň wezipesi:**

a) häzirki sanly tehnologiýalary ulanmak arkaly «Mikroykdysadyýet» dersinden taýýarlanan testleriň netijeli çözgütlerini tapmaga gyzyklanma döretmek;

b) zehinli we ukyply talyp ýaşlary ýüze çykarmak, olaryň nazary bilimlerini ösdürmek;

ç) «Mikroykdysadyýet» dersi boýunça talyp ýaşlaryň amaly endiklerini we ukyp-başarnyklaryny artdyrmak.

## 2. Olimpiadanyň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Mikroykdysadyýet» dersi boýunça internet olimpiadasyny guramak we geçirmek boýunça guramaçylyk ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin Guramaçylyk topary döredilýär. Döredilýän guramaçylyk toparynyň düzümi Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

**Guramaçylyk topary:**

a) ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Mikroykdysadyýet» dersi boýunça internet olimpiadasyny geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de olimpiadany guramak we geçirmek boýunça guramaçylyk işlerini ýerine ýetirýär;

b) olimpiadany geçirmegiň tertibini we möhletini kesgitlemek boýunça teklipleri hem-de usulyýet we gözükdiriji gollanmalary taýýarlaýar;

ç) Türkmen döwlet maliýe institutynyň wekilleri bilen olimpiadanyň testlerini taýýarlamak boýunça işleri alyp barýar.

## 3. Olimpiadany guramagyň we geçirmegiň tertibi

Olimpiada Türkmenistanyň ähli ýokary okuw mekdepleriniň hünärmen, bakalawr we magistr maksatnamalary boýunça bilim alýan talyplar gatnaşyp bilerler;

Olimpiadanyň resmi iş dili – türkmen dili.

Her bir gatnaşýan talyp tdmai.edu.tm/moodle internet sahypasy arkaly hasaba alynmalydyr. Olimpiadanyň işi Türkmen döwlet maliýe institutynyň resmi internet sahypasynda we «Moodle» platformasynda geçiriler.

Bäsleşige bilim alýan hünärine/taýýarlyk ugruna garamazdan her ýokary okuw mekdebinden 3 (üç) sany talyp gatnaşyp biler.

Olimpiada gatnaşmaga isleg bildirýän talyplaryň sanawyny Goşunda laýyklykda, **2025-nji ýylyň noýabr aýynyň 15-ne çenli** tax_trm@inbox.ru. elektron salgysyna ugratmaly.

Olimpiada **2025-nji ýylyň noýabr aýynyň 25-ne sagat 15:00** başlanýar.

«Mikroykdysadyýet» boýunça internet olimpiadasynda 60 (altmyş) sany test hödürlener we olary çözmek üçin 60 (altmyş) minut wagt berler.

Olimpiada gatnaşýan her bir talyp berilýän testi özbaşdak işlemeli.

Olimpiadanyň geçýän wagtynda birek-birek bilen gepleşmek, elektron poçtany, el telefonlaryny we dürli neşir edilen kitaplardan peýdalanmaga rugsat berilmeýär. Şu düzgünleri berjaý etmeýän talyplar olimpiada gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar.

Olimpiadanyň Eminler toparynyň düzümi Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanýar.

Eminler topary olimpiada gatnaşýan talyplaryň testleriniň netijelerini jemlär.

Arz-şikaýatlara eminler topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni eminler kesgitleýär.

## 4. Olimpiadanyň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

Olimpiadanyň ýeňijileri toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlener.

Olimpiadanyň ýeňijileri **I, II we III derejeli diplomlar** bilen sylaglanar.

**Habarlaşmak üçin:**
Telefon: 49-63-09, +99363-76-37-71
Elektron poçta: tax_trm@inbox.ru.

**Goşundy**

___________________________________________

*(Ýokary okuw mekdebiniň ady)*

**«Mikroykdysadyýet» dersi boýunça ınternet olimpiadasyna gatnaşýan talyplar we olaryň ýolbaşçysy barada**

**MAGLUMAT**

| | Talyplar barada maglumat | | | Ýolbaşçy barada maglumat | |
|---|---|---|---|---|---|
| | F.A.A.a | Hünäri/taýýarlyk ugry, okuw ýyly | Elektron poçtasynyň salgysy | F.A.A.a | Habarlaşmak üçin maglumatlar |
| 1. | | | | | tel. (iş): |
| 2. | | | | | tel. (ykjam): |
| 3. | | | | | E-mail: |